# Sährada

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Sährada SÄHRADA

Bahar pasylynyñ iñ soñky aýy,
Gök asmanda ýekeje-de bulut ýok.
Zemine örtülen aýna mysaly,
Çar tarapyñ durşy bilen oñatlyk.

Sary çägäñ üsti ýap-ýaşyl otlar,
Arasynda dürli-dürli güller bar.
Gyjy-gyjy, gyrtyç, yşgyn, çomuçlar,
Henizler-ä otyr olar süllermän.

Atly garynjalar at salyp ýörler,
Hažžyklar bir ýerik haýdaşyp barýa.
Gök maýsalyk bilen düşelen törler,
Sary çägä meñzäp otyr gök derýa.

Sag egnimi gün şöhlesi çoýup dur,
Çep egnimden salkyn şemal öwüsýä,
Daşdeşen tykgyldap, sazak oýup dur,
Ýalman hin gazynyp, ýeri böwüsýär.

Gök ojarlañ üsti durşuna serçe,
Jürküldäp çalýarlar täsin bir mukam.
Sähra bir ajaýyp, bezelen parça,
Şeýle sähra özge ilde barmykan?!

Orazmyrat TÄJOW.

# galkynys_2004 Goşgular